#15 (37)
понедельник, 12 апреля 2021 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI GEÇIRILDI



9-njy aprelde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň birinji çärýeginde ýerine ýetirilen işleriň jemlerine garaldy we degişli hasabatlar diňlenip, amala aşyrylan işlere baha berildi hem-de ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň wajyp wezipeleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mejlise birnäçe ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, Aşgabat şäheriniň, welaýatlaryň häkimleri çagyryldy.

Hasabat döwründe bellenilişi ýaly, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi içerki önümiň ösüşi 5,9 göterim ýokarlandy. Şol sanda senagat pudagynda 3,9 göterim, gurluşyk pudagynda 0,3 göterim artdy.

Ähli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň maglumatlaryna laýyklykda, önümçilik geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 3,2 göterim artdy.

Şu ýylyň ýanwar — mart aýlarynda bölek-satuw haryt dolanyşygy boýunça görkeziji 2020-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 17,7 göterim artdy. Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda aýlyk zähmet haklarynyň möçberleri geçen ýyldakydan 10,5 göterim köpeldi. Zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary we talyp haklary doly maliýeleşdirildi.

Şeýle hem maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlaryny özleşdirmek boýunça meýilnamalaryň ýerine ýetirilişi barada hasabat berildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynyň çäklerinde gurluşyk we durkuny täzelemek işleri göz öňünde tutulan 259 desganyň 30-synda gurluşyk işleri tamamlandy, galan 168-sinde bolsa gurluşyk-gurnama işleri dowam edýär.

Mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ministrligiň şu ýylyň birinji çärýeginde ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatyny durmuşa geçirmek hem-de öňde goýlan wezipeleri çözmek maksady bilen, degişli işler geçirildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň arasynda telefon arkaly geçirilen söhbetdeşligiň barşynda döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan meseleleri we geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şeýle hem sanly ulgam arkaly Türkmenistanyň we Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidentleriniň duşuşygynyň geçirilendigi bellenildi. Onuň barşynda iki ýurduň Liderleri ulag, elektrik energetikasy we aragatnaşyk ulgamlarynyň iri desgalarynyň birnäçesiniň açylyş dabarasyna gatnaşdylar.

Mundan başga-da onlaýn tertipde Türkmenistanyň we Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidentleriniň duşuşyklary geçirildi.

Döwlet Baştutany Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň XIV sammitine gatnaşdy. YHG-nyň onlaýn forumynyň barşynda 2021-nji ýylda bu gurama başlyklyk etmek Türkmenistana geçdi. Hasabat döwürde onlaýn tertipde dürli derejedäki duşuşyklaryň 461-si geçirildi. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň hukuk binýadynyň üsti 31 resminama bilen ýetirildi.

Daşary işler ministrlikleriniň ugry boýunça duşuşyklar yzygiderli häsiýete eýedir. Ýylyň başyndan bäri birnäçe ýurtlaryň daşary syýasat edaralary bilen maslahatlaşmalar guraldy.

Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça netijeli çäreler görülýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow wise-premýere, daşary işler ministrine ýüzlenip, dünýäde koronawirus ýokanjy bilen bagly ýagdaýlaryň çylşyrymly bolmagynda galýandygyna ünsi çekdi. Munuň özi bolsa şu mesele boýunça yzygiderli habarly bolmagyň zerurdygyny şertlendirýär.

Şundan ugur alyp, döwlet Baştutany dürli halkara çäreleri geçirmek barada teklipleri bermegi tabşyrdy. Bu aýratyn hem ýurdumyzda dürli halkara çäreleriň geçirilmegine degişlidir.

Milli Lideriň belleýşi ýaly, wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredow dürli döwletler we ugurlar boýunça iş alyp barýan hökümetara toparlarynyň 10-a golaýyna ýolbaşçylyk edýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysynyň işi üçin degişli şertleri üpjün etmek maksady bilen, türkmen-rus we türkmen-ýapon hökümetara düzümleriniň türkmen böleginiň başlyklygyna Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Berdimuhamedowy belläp, bu wezipelerden wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredowy boşatmak baradaky karara gelendigini aýtdy. Munuň özi Russiýa we Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin has anyk we netijeli işleri geçirmäge ýardam berer diýip, döwlet Baştutany belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy S.Berdimuhamedow Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy, baky Bitaraplygynyň 25 ýyllygy, «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýyly mynasybetli, şu ýylyň birinji çärýeginde ulanmaga berlen binalar, şeýle hem şu aýyň dowamynda ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutany hasabaty diňläp, gurluşyk pudagyna gönükdirilýän ägirt uly maýa serişdeleri, ýurdumyzda döredilen oňyn maýa goýum ýagdaýynyň, telekeçilere döwlet tarapyndan goldaw bermek üçin durmuşa geçirilýän netijeli çäreleriň netijesinde şähergurluşyk syýasatynyň üstünliklere beslenýändigini belledi. Onuň çäklerinde paýtagtymyzda hem-de welaýatlarda her ýylda dürli maksatly desgalaryň birnäçesi gurulýar we döwrebaplaşdyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, ähmiýetli düzümleýin taslamalaryň amala aşyrylyşy, olarda ýokary hil derejesiniň üpjün edilmegi we bellenilen möhletlerde ulanmaga berilmegi bilen baglanyşykly meseleler berk gözegçilikde saklanmalydyr diýip, Türkmenistanyň Prezident belledi we bu babatda wise-premýere, Ýokary gözegçilik edarasynyň ýolbaşçysyna birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet Baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow resminamalary elektron resminama dolanyşygy arkaly wise-premýer, Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy S.Berdimuhamedowa we wise-premýer E.Orazgeldiýewe iberdi hem-de öňde boljak dabaralaryň, meýilleşdirilen baýramçylyk çäreleriniň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Türkmenistanyň Prezidenti mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijelerini ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde koronawirus ýokanjynyň ýaýramagy hem-de dünýä ykdysadyýetine ýetirýän zyýanly täsiri sebäpli ýüze çykan daşarky meselelere garamazdan, ýurdumyzyň göz öňünde tutulan maksatnamalara laýyklykda ösmegini dowam edýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, jemi içerki önümiň ösüşi ýylyň başyndan bäri 5,9 göterim derejede durnukly saklanyp gelýär, zähmet haklary bolsa, 10 göterim ýokarlandyryldy.

Döwlet Baştutany ýurdumyzda iri senagat we durmuş maksatly desgalaryň, şol sanda täze şäherçeleriň, ýaşaýyş jaýlarynyň, dynç alyş hem-de sagaldyş merkezleriniň, mekdepleriňdir çagalar baglarynyň we birnäçe beýleki desgalaryň gurluşyklarynyň dowam edýändigini belledi.

Kabul edilen meýilnamalara laýyklykda ylym we bilim ulgamlarynda hem özgertmeler amala aşyrylýar. Önümçilikler döwrebap ýagdaýa getirilip, bazar ykdysadyýeti emele gelýär. Nebitgaz ýataklary özleşdirilýär. Türkmenistan — Owganystan — Pakistan elektrik we aragatnaşyk ulgamlarynyň, şeýle hem TOPH gaz geçirijisiniň gurluşyklary alnyp barylýar. Beýleki halkara taslamalary amala aşyrmaga hem taýýarlyk görülýär.

Hususy pudagy ösdürmegi goldamak, ykdysadyýetimizde özgertmeleri amala aşyrmaga telekeçileri giňden çekmek syýasaty yzygiderli durmuşa geçirilýär. Garaşsyz döwletimiziň syýasy ulgamyny kämilleşdirmek işleri dowam edýär diýip, milli Liderimiz belledi.

Döwlet Baştutany ýurdumyzy 2021 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça netijeli işleri geçirmegi, şeýle hem esasy baýramlara — mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygyna, ak mermerli paýtagtymyz Aşgabadyň 140 ýyllygyna, şeýle hem baky Bitaraplyk baýramyna ýokary derejede taýýarlyk görmegi möhüm wezipe hökmünde kesgitledi.

Şu ýyl biz işimizi, esasan hem, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda alyp barmalydyrys diýip, milli Lider sözüni dowam etdi. Garaşsyz döwletimiziň ýubileýi her şäherde, her obada gurlan ähli täze binalar we desgalar bilen ýatda galmalydyr diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy we welaýatlar boýunça jogapkär edilip bellenen wise-premýerlere ýokarda agzalan maksatnamanyň durmuşa geçirilişi barada Ministrler Kabinetiniň her mejlisinde hasabat bermegi, welaýat häkimlerine bolsa sanly ulgam arkaly geçirilýän her iş maslahatynda hasabat bermegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanynyň belleýşi ýaly, sanly ulgamy ornaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň önümçiligini döretmek, öz önümlerimiziň beýleki döwletlere iberilýän möçberlerini artdyrmak, maýa goýumlaryny çekmek, daşary ýurt pulundaky serişdeleriň gelip gowuşýan möçberlerini artdyrmak boýunça syýasatymyzyň dowam etmegi zerurdyr.

Döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmek boýunça özgertmeleri alyp barmak, Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik edip, göz öňünde tutulmadyk we dolandyryş çykdajylaryny azaltmak bilen baglanyşykly meseleler berk gözegçilikde saklanmalydyr diýip, Türkmenistanyň Prezidenti sözüni dowam etdi. Şonuň ýalyda, pul-karz we maliýe ulgamlarynda bazar usullaryny has giňden ulanmak, ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek wajypdyr. Hususy pudagyň paýyny artdyryp, ony ýurdumyzyň ykdysadyýetine işjeň gatnaşdyrmak üçin zerur çäreler görülmelidir.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe meselelere garaldy, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi. Türkmenisatnyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen giňişleýin mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny hem-de berkarar Watanymyzyň abadançylygynyň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI EÝRAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRINI KABUL ETDI

7-nji aprelde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Eýran Yslam Respublikasynyň daşary işler ministri Mohammad Jawad Zarifi bilen duşuşygy geçirildi.

Duşuşygyň barşynda diplomat wagt tapyp kabul edendigi hem-de söhbetdeşlikde döwletara hyzmatdaşlygyň wajyp meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň Prezidentine Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Hasan Ruhaniniň salamyny hem-de Nowruz baýramy mynasybetli gutlaglaryny we parahatçylyk, bagt hem abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi.

Döwlet Baştutany dostlukly ýurduň Prezidentine we halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan etmek bilen, iki halkyň öňden gelýän hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň berk binýadynyň esasynda guralýan köpýyllyk özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini belledi.

Duşuşygyň çäklerinde taraplar syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda türkmen-eýran gatnaşyklarynyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Ägirt uly serişdelere we ykdysady kuwwata eýe bolan iki goňşy döwletiň deňhukuklylyk hem-de özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda guralýan däp bolan hyzmatdaşlygy ähli ugurlar boýunça mundan beýläk-de ösdürmäge gyzyklanma bildirýändigi nygtaldy.

Ministr Mohammad Jawad Zarif eýran tarapynyň tutuş Merkezi Aziýada geosyýasy deňagramlylygy, parahatçylygy we durnuklylygy saklamagyň möhüm şerti bolan Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyny hem-de häzirki döwrüň wajyp meselelerini çözmäge oňyn çemeleşmelerini goldaýandygyny belledi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe süren energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge hem-de üstaşyr-ulag geçelgeleriniň täze halkara ulgamyny döretmek boýunça ählumumy hyzmatdaşlygy ýola goýmaga gönükdirilen möhüm halkara başlangyçlary munuň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döwletiň öňe sürýän başlangyçlaryny, şol sanda 2021-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjyny goldaýandygy üçin minnetdarlyk bildirip, BMG-niň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň Türkmenistana özüniň Bitaraplyk derejesini sebit durnuklylygynyň we howpsuzlygynyň möhüm şerti hökmünde durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýändigini nygtady.

Diplomat eýran tarapynyň möhüm halkara taslamalara gatnaşmaga gyzyklanma bildirýändigini tassyklady. Şol taslamalaryň durmuşa geçirilmegi sebit we dünýä möçberinde söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge ýardam eder.

Türkmenistanyň we Eýranyň möhüm halkara hem-de sebit meseleleri boýunça özara gatnaşyklary barada hem durlup geçildi.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti we Eýran Yslam Respublikasynyň daşary işler ministri iki ýurduň däp bolan dostluk gatnaşyklaryna ygrarlydygyny tassykladylar.

# THE KEY ASPECTS OF COOPERATION DISCUSSED AT THE MEETING BETWEEN THE FOREIGN MINISTERS OF TURKMENISTAN AND THE ISLAMIC REPUBLIC OF IRAN



During the week, a representative Iranian delegation headed by the Minister of Foreign Affairs of the Islamic Republic of Iran Mohammad Javad Zarif has arrived to Ashgabat on a two-day visit.

On 8 April, Minister Mohammad Javad Zarif was received by the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov.

Then the Inter-MFA consultations were held in the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. Minister Mohammad Javad Zarif expressed gratitude to the Turkmen side in the person of the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov for the high organizational level of the visit.

During the talks, the parties discussed a wide range of issues pertaining to Turkmen-Iranian relations on political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian spheres.

The cooperation between the MFAs of two countries was especially discussed. The collaboration in the regional and international structures, including the UN, ECO, OIC and others was considered. The closeness of positions in regard to maintaining regional security and stability was highlighted. An exchange of views on Afghanistan was held.

The importance of the International Year of Peace and Trust initiated by the President of Turkmenistan was emphasized. The Iranian side was invited to take part in the International Conference dedicated to peace and trust planned to be held in Ashgabat on the 12th of December of current year.

The Caspian Sea issues were considered in detail, including the analysis of the existing legal documents and the preparations to the Sixth Caspian Summit. The mutual interest in the development of cooperation on the given subject was expressed.

Special attention was paid to the intensification of trade-economic cooperation. Stressing the availability of high potential for collaboration in the given area, the parties agreed to hold a series of meetings in the framework of the preparation to the successive session of the Intergovernmental Turkmen-Iranian Commission on Economic Cooperation.

The parties appraised the level of trade turnover between the two countries and considered the partnership in the area of energy, transport and others. The necessity of organizing joint events, exhibitions and forums for the development of business relations was underlined.

In addition, the opportunities of cooperation on the development of transport-transit potential of the region were discussed in detail. In this regard, the emphasis was made on the potential of regional transport corridors in participation of Turkmenistan such as the Lapis-Lazuli route and the international corridor “Caspian Sea - Black Sea” and the opportunity arising thereupon for the participation of Iran in the implementation of these corridors.

The cultural-humanitarian cooperation was discussed in detail. The parties expressed interest in the arrangement of joint cultural events, including those in face-to-face format as soon as the restrictive measures related to the global pandemic allow. In particular, the delegations discussed the preparations to the 300th birthday anniversary of the Turkmen poet-philosopher Makhtumkhuli Fragi, including the opportunities of hosting joint events timed to the date.

Also, the positive experience of cooperation between the regions of two countries was noted. The parties agreed to work on the development of contacts on science, education and medicine between Turkmenistan and Iran.

Upon the outcomes of the talks, the Ministers of Foreign Affairs of two countries signed the “Programme of Cooperation between the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Ministry of Foreign Affairs of the Islamic Republic of Iran for the period of 2021-2022”.



# THE VISIT OF THE MINISTER OF HAJJ AND RELIGIOUS AFFAIRS OF THE ISLAMIC REPUBLIC OF AFGHANISTAN TO ASHGABAT



In the beginning of the week, the Afghan delegation headed by the Minister of Hajj and Religious Affairs of the Islamic Republic of Afghanistan Mohammad Qasim Halimi had arrived to Turkmenistan on a working visit.

On the 6th of April, a meeting was held in the premises of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan between the delegations of two fraternal countries. The Turkmen delegation was headed by the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov, while the Afghan delegation was led by the Minister of Hajj and Religious Affairs of the Islamic Republic of Afghanistan Mohammad Qasim Halimi.

During the talks, the parties confirmed the high level of interstate relations, where the humanitarian cooperation holds a special place.

Minister Mohammad Qasim Halimi underlined the importance of the fraternal support of Turkmenistan to Afghanistan and its people that is reflected in numerous projects of economic and cultural-humanitarian scope.

He also emphasized the humaneness and efficiency of the neutral policy pursued by the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov aimed at the promotion of peaceful and friendly relations between countries and people. In this regard, Minister Halimi highlighted the importance of the social facilities built on the territory of Afghanistan in support of the Turkmen side, particularly the mosque in the Faryab province that has become the symbol of friendship between the two countries.

An exchange of views took place on the current state and prospects of the peace process development in Afghanistan. The readiness of the Turkmen side to facilitate the advancement of the process through political and diplomatic methods was again reiterated.

The parties discussed the opportunities of cooperation between the two countries on education, science and culture.

# TURKMENISTAN AND JAPAN COMMITTED TO THE DEVELOPMENT OF BILATERAL RELATIONS



On April 8, the Turkmen-Japanese political consultations between the Ministries of Foreign Affairs of two countries were held via videoconferencing.

The Turkmen side was headed by the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Vepa Hajiyev, while the Japanese side was led by the Deputy Director-General of the European Affairs Bureau of the MFA of Japan, Deputy Assistant Minister Tokuda Shuichi.

During the talks, the parties noted with satisfaction the positive dynamics of the development of Turkmen-Japanese relations in political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian vectors. The interest of two countries in arranging the mutual visits on the highest level was expressed. The efficiency of inter-parliamentary cooperation was noted.

The parties highly appraised the partnership between the external policy agencies of the two countries that positively reflects on the regional cooperation, as well as on the collaboration within the international structures, primarily the United Nations. An exchange of views took place on the regional and international agenda.

Special emphasis was made on trade and economic cooperation. The current projects and issues related to their implementation were considered. The positive experience of cooperation in the oil and gas, gas chemical fields, power industry, transport and others was underlined. In this regard, the importance of the Turkmen-Japanese and Japanese-Turkmen Committees on Economic Cooperation were noted that facilitate the promotion of mutually beneficial partnership.

It was particularly noted that the Japanese companies make a significant contribution to the development of key sectors of the economy of Turkmenistan. The joint projects such as the construction of such enterprises as the plant for the production of carbamide in the city of Mary, a gas chemical complex in the village of Kiyanly, a plant for the production of sulfuric acid in the city of Turkmenabat, a plant for the production of carbamide in the city of Karabogaz were highlighted. The plant for the production of gasoline from natural gas (GTG) built in the Akhal region of Turkmenistan, which has no equivalent in the world, has become another visible result of systematic work.

The parties also discussed the key aspects of cultural-humanitarian relations. The efficiency of the contacts in the area of science, education and medicine was empasized.

Интернет газета
Международные новости

## «Atda wepa-da bar, sapa-da» we «Türkmeniň döwletliliik ýörelgesi» atly kitaplaryň türk dilindäki nusgalarynyň tanyşdyrylyş dabarasy




9-njy aprelde Ankara uniwersitetiniň binasynda Türkmenistanyň Türkiýe Respublikasyndaky Ilçihanasy bilen Türkiýe Respublikasynyň Ankara uniwersiteti tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň «Atda wepa-da bar, sapa-da» we «Türkmeniň döwletliliik ýörelgesi» atly kitaplarynyň türk dilindäki nusgalarynyň tanyşdyrylyş maslahaty gurnaldy.

Maslahata Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň baş geňeşçisi Ýa.Topçu, Ankara uniwersitetiniň rektory N.Ünüwar, Türkiýäniň Parlamentiniň türkmen-türk dostluk toparynyň ýolbaşçysy I.Aýdemir, Azerbaýjan Respublikasynyň, Belarus Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň we Gyrgyz Respublikasynyň, Moldowa Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň we Ukrainanyň, Türkiýe Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçileri, türkmen talyplar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri we beýlekiler gatnaşdylar.

Çäräniň barşynda Türkmenistanyň Türkiýe Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi I.Amanlyýew ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli alnyp barylýan giňmöçberli işler, ýurdumyzyň gazanan üstünlikleri barada beýan etdi. Şeýle-de ýurdumyzyň baý medeni gymmatlyklaryny beýan edýän wideorolik görkezildi.

Türk tarapyndan çykyş edenler Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň eserleriniň türkmen we türk halklarynyň taryhy-medeni gatnaşyklar hem-de ynsanperwer hyzmatdaşlygynda örän möhüm ähmiýete eýedigi barada nygtadylar.

Mundan başga-da çärä gatnaşyjylar dünýä jemgyýetçiliginiň parahatçylygynyň we gülläp ösüşiniň hatyrasyna jebisligiň has hem ýygjamlaşdyrylmagyna itergi berjek Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ähmiýeti barada aýratyn belläp, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli ýolbaşçylygynda bu ugurda durmuşa geçirilýän içeri we daşary syýasatymyzyň üstünligi hem-de netijeliligi barada hem nygtadylar.

Bu tanyşdyrylyş maslahatynyň çäklerinde Garaşsyzlygyň 30 ýyllygy we 2021-nji ýylyň ýurdumyzda «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary astynda geçirilmegi mynasybetli ýurdumyzy giňden wasp edýän, medeni gymmatlyklaryny beýan edýän fotosuratlaryň hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň kitaplarynyň sergisi hem gurnaldy.

## TÜRKMENISTANYŇ SUW DIPLOMATIÝASYNYŇ YLMY BINÝADY

Berkara döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda ýokary bilimiň ylmy binýadyny we hilini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berilýär we bu babatda ähli şertler döredilýär. Ýurdumyzyň suw diplomatiýasyny ylmy taýdan içgin öwrenmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiz 2018-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň düzüminde Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw merkezini açmak baradaky Karara gol çekdi. Türkmenistanyň häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň belent talaplaryna jogap berýän täze mazmunly hem-de işjeň häsiýetli diplomatiýasynyň emele gelmegi we onuň Birleşen Milletler Guramasy derejesinde energetika, ulag, suw meseleleri boýunça hyzmatdaşlygyň toplumlaýyn halkara-hukuk binýadyny döretmekde aýgytlaýjy orun eýelemegi Merkeziň ulgamlaýyn işiniň esasyny düzýär.

Merkeziň esasy wezipesi Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasatyny, ilkinji nobatda energetika, ulag we suw meseleleri boýunça netijeli halkara hyzmatdaşlygyny alyp barmaga gönükdirilen başlangyçlaryny hem-de olaryň iş ýüzünde durmuşa geçirilişini çuňňur öwrenmek esasynda hünär öwreniş we hünär kämilleşdiriş maksatly okuwlary guramak bolup durýar. Okuw merkeziniň çäklerinde amala aşyrylan ylmy-barlag işler we geçirilen ýöriteleşdirilen okuwlar bu möhüm wezipeleri çözmeklige gönükdirilýär. Merkeziň okuw işleri talyplar üçin niýetlenen ýörite hem-de fakultatiw okuw dersleri, maksatlaýyn okuwlary görnüşinde alnyp barylýar. Merkeziň okuw işleri degişlilikde usulyýet, ylmy-barlag we tejribe öwreniş işleri bilen utgaşdyrylýar. Ýörite tassyklanan meýilnamalar esasynda okuw sapaklary gurnalýar, ylmy-seljeriş häsiýetli makalalar çap edilýär we ýurdumyzyň dürli tele we radio ýaýlymlarynda merkeziň işi bilen baglanyşykly gepleşikler taýýarlanylýar.

Sanly bilim ulgamynyň ornaşdyrylmagy esasynda institutda hereket edýän sanly bilim portalynda Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw merkeziniň degişli ugurlary boýunça ýörite elektron bölümler döredildi. Institutyň sanly bilim portalynda merkezde meýilnama esasynda geçirilen umumy we söhbet sapaklarynyň beýanlary, ylmy makalalar, interwýular, prezentasiýalar we suratlar, audio hem-de wideo ýazgylar ýerleşdirildi we olaryň üsti yzygiderli ýetirilýär. Merkeziň energetika, ulag we suw diplomatiýasy boýunça ugurlarynda ýurdumyzyň beýleki ýokary okuw mekdepleri we ylmy-barlag edaralary bilen geçirilen aragatnaşyk ulgamy arkaly wideoşekilli okuw sapaklarynyň wideo ýazgylary we suratlary ýerleşdirildi.

Merkezde ýurdumyzyň bilim edaralarynyň we jemgyýetçilik-syýasy guramalarynyň, institutda hereket edýän ylmy gurnaklarynyň gatnaşmaklarynda dürli görnüşli çäreler, maslahatlar we bäsleşikler yzygiderli geçirilýär.

Merkeziň okuw işleri degişlilikde usulyýet, ylmy-barlag we tejribe öwreniş işleri bilen utgaşdyrylýar. Şu maksat bilen, mugallymlar tarapyndan okuw kitaplary we gollanmalar, ylmy-teoretiki we amaly-tejribe häsiýetli makalalar taýýarlanylýar hem-de şol ugurlar boýunça maglumat binýady döredilýär. Merkeziň wezipeleriniň çäklerinde we amala aşyrýan işlerine degişli meseleleri netijeli çözmek maksady bilen halkara hyzmatdaşlygy amala aşyrylýar.

2021-nji ýylyň 10-njy martynda merkezde okuwlaryň nobatdaky tapgyry öz işine başlady. Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw Merkeziniň Düzgünnamasyna laýyklykda, bu tapgyrda, merkeziň diňleýjileri hökmünde institutyň ähli fakultetleriniň talyplaryndan düzülen topar gatnaşýar. Tassyklanan meýilnama laýyklykda, degişli temalar boýunça umumy we söhbet sapaklary geçirilýär. Sapaklar interaktiw usulda prezentasiýalar hem-de wideoşekilli maglumatlary ulanmak arkaly alnyp baryylýar. Tassyklanan meýilnama laýyklykda, bu tapgyryň diňleýjilerine Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Hazar deňzi institutynyň wekilleriniň, şeýle-de Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymlarynyň gatnaşmagynda umumy hem-de söhbet sapaklar gurnalýar.

Ynha, ýakynda hem Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugry bolan «Suw diplomatiýasy» boýunça okuw Merkezinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň wekilleriniň gatnaşmagynda «Suw diplomatiýasynyň halkara gatnaşyklary ulgamyndaky ähmiýeti we wajyp orny. Suw ulgamyndaky ýöriteleşdirilen halkara guramalary» atly tema bilen diňleýjileriň öňünde umumy sapak geçirildi. Sapagyň dowamynda esasan hem ýurdumyzyň Suw diplomatiýasynyň esasy ugurlary, bu ugurda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasaty, suw ulgamyndaky ýöriteleşdirilen halkara guramalary barada giňişleýin beýan edildi.

Dogrudan hem, tebigata aýawly garamak, daşky gurşawy goramak, geljekki nesiller üçin onuň baýlyklaryny gorap saklamak, halkymyzyň oňaýly durmuş-ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek üçin ýer-suw serişdelerinden oýlanyşykly peýdalanmak, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birleşdirmek ýaly meseleler hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar.

Soňky ýyllarda suw, parahatçylyk we howpsuzlyk meseleleri halkara gün tertibinde ygtybarly orun aldy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2018 – 2028-nji ýyllary «Suw – Durnukly ösüş üçin» atly Halkara hereketleriň onýyllygy diýip yglan etmegi hem dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni suw serişdeleriniň netijeli hem-de aýawly ulanylmagy bilen suw ýetmezçiligi, suw gytçylygy ýaly gaýragoýulmasyz meseleleriň öňüniň alynmagyna gönükdirmekden ybaratdyr. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwletimiziň suw serişdeleriniň netijeli dolandyrylmagy we peýdalanylmagy ulgamyndaky syýasaty öz nobatynda oňyn bitaraplyk ýörelgelerine, özara hormat goýmaga we deňhukuklylyga, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna hemmetaraplaýyn daýanýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda giň gerim bilen amala aşyrýan suw diplomatiýasy barada aýdylanda, ol Türkmenistanyň geosyýasy taýdan özboluşly ýerleşişi bilen şertlendirilen bolup, tutuş Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlarynyň suw üpjünçiligi syýasaty bilen sazlaşykly utgaşýandyr. Bu babatda Türkmenistanyň suw diplomatiýasy ulgamyndaky başlangyçlary Döwlet Baştutanymyz tarapyndan 2015-nji ýylda Günorta Koreýanyň Tegu şäherinde geçirilen VII Bütindünýä suw forumynyň barşynda sözlän taryhy çykyşyndan gözbaş alýar we ol hem öz nobatynda Birleşen Milletler Guramasynyň düzüminde täze diplomatik ugrunyň – ýagny suw diplomatiýasy ulgamynyň kemala getirilmegine itergi berdi. Çünki suw serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagy, suwuň dünýä derejesindäki gorlarynyň oýlanşykly ulanylmagy diňe bir daşky gurşawyň we ekologiýa ýagdaýyň durnuklylygyny üpjün etmän, şol bir wagtyň özünde tutuş adamzadyň bagtyýar durmuşynyň kepili bolup çykyş edýär. Bu ugurda ýurdumyz tarapyndan BMG-niň Suw strategiýasyny işläp taýýarlamak barada öňe sürlen teklip hem aýratyn mazmuna eýedir.

Hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 73-nji mejlisinde eden çykyşynyň barşynda hem suw serişdeleriniň elýeterliliginiň, ony netijeli dolandyrmagyň döwletleriň ösüşine, olaryň ykdysadyýetine, durmuş ulgamyna adamlaryň durmuşynyň hiliniň we hal-ýagdaýynyň derejesine gönüden-göni bagly bolup durýandygyny aýratyn nygtady.

Bu ugurda döwletimiziň içerki kanunçylygy hem suw serişdeleriniň netijeli ulanylmagy arkaly, ýurdumyzda suw ulgamynda howpsuzlygyň döredilmegine gönükdirilendir. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2019 – 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda hem daşky gurşawy goramak, tebigata aýawly garamak, tebigy baýlyklary gorap saklamak, türkmen halky üçin oňaýly ýaşaýyş şertlerini döretmek maksady bilen ýer-suw serişdelerinden oýlanyşykly peýdalanmak esasy maksatlar hökmünde kesgitlendi.

Abraýly halkara guramalarynyň platformalarynda suw serişdeleriniň netijeli ulanylmagy babatynda ýokary ynsanperwer başlangyçlar bilen yzygiderli çykyş edýän Türkmenistan, öz gezeginde bu ulgam boýunça hereket edýän dünýä konwensiýalarynyň hem işjeň gatnaşyjysy bolup durýar.




Degişlilikde, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň tebigaty goramak hakynda esasy ylalaşyklaryny, şol sanda Biologiýa köpdürliligi, ozon gatlagyny goramak, çölleşmä garşy göreşmek, serhetüsti suw akymlaryny we halkara köllerini goramak we peýdalanmak hakynda konwensiýany, şeýle hem ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak hakynda konwensiýasyny hem-de howanyň üýtgemegi boýunça Pariž ylalaşygyny tassyklamak bilen, halkara derejesinde öz üstüne alan borçnamalaryna hemmetaraplaýyn ygrarly döwlet hökmünde içeri hem-de daşary syýasatyny dünýäniň öňünde duran derwaýys meseleleri bilen sazlaşykly hem-de netijeli utgaşdyrýar. Bu ugurda BMG-niň Ösüş maksatnamasy, BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Ählumumy ekologiýa gaznasy, Ýewropa Bileleşigi hem-de beýleki abraýly halkara düzümleri bilen bilelikde milli we sebit derejelerinde maksatnamalaryň we taslamalaryň onlarçasy amala aşyrylýar.

Mälim bolşy ýaly, uzak taryhyň dowamynda biziň ýurdumyz sebitiň serhetüsti derýalaryň ugrunda ýaşaýan halklary bilen derýa suwlarynyň ylalaşykly peýdalanylmagy ugrunda zerur tagallalaryny gaýgyrmady. Biziň halkymyz suwy agzybirligiň hem-de raýdaşlygyň, birek-birege düşünmegiň, şol bir wagtyň özünde bolelin hem-de asuda durmuşyň kepili hökmünde keramat derejesinde sarpalaýandyr. Bu ugurda 2019-njy ýylyň 8-nji maýynda ýurdumyzyň Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň çäginde «2019–2025-nji ýyllarda Altyn asyr Türkmen kölüniň sebitini özleşdirmek boýunça Konsepsiýany» durmuşa geçirmegiň ilkinji ädimi hökmünde «Altyn asyr» Türkmen kölüniň ýakasynda döwrebap, täze obanyň gurluşygyna badalga berilmegi hem aýratyn ähmiýetlidir. Çünki hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, «Altyn asyr» Türkmen köli ýurdumyzyň dünýäniň suw serişdelerini saklamak bilen baglanyşykly ählumumy meseleleriň çözgüdine oňyn goşant goşmaga ukyplydygyny aňladýan täzeçil taslama bolup durýar.

Gysga wagtyň içinde, ýagny 2009-njy ýylda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň ilkinji nobatdakysynyň ulanyşa girizilmegi bilen, tebigy gelip çykyşly Garaşor çöketligine Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynyň ekerançylyk meýdanlaryndaky şor suwlar akdyrylyp başlandy. Munuň özi ýerasty suwlaryň derejesiniň peselmegine, ýerleriň melioratiw ýagdaýynyň gowulanmagyna, Garagumuň giňişliklerinde öri meýdanlarynyň müňlerçe gektaryny dolanyşyga girizmäge mümkinçilik döretdi hem-de sebitiň biodürliliginiň artmagyna ýardam etdi. Bu bolsa geljekde bu kölüň töweregindе oba ýerleriniň, ilatly nokatlaryň sanynyň artmagy bilen, häzirki döwrüň zerur talaplaryna laýyk gelýän azyk önümleriniň öndürilmegine, ekologiýa talaplarynyň hemmetaraplaýyn berjaý edilmegine itergi berer.

Ynha, şeýle giň mazmunly, uly ähmiýetli sapaklaryň ýörite okuw merkezinde gurnalmagy hormatly Prezidentimiziň geljekki halkaraçy hünärmenlere bildirýän talaplaryny ödemekde hem-de talyplaryň geljekde öz ugrunyň ussat hünärmenleri bolup ýetişmekleri üçin uly badalgadyr.

Döredilip berilýän şeýle mümkinçilikler talyplaryň kämil hünärmenler bolup ýetişmekleri, öndürijilikli işlemekleri netijesinde öz şirin miwelerini berip başlar. Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebine berýän atalyk aladalary üçin hormatly Prezidentimize müň kerem alkyş aýdýarys. Goý, biziň şeýle ajaýyp durmuşda okatmagymyz, döretmegimiz, kämil bilim bermegimiz üçin hemmetaraplaýyn oňaýly şertleri döredip berýän mähriban, gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, alyp barýan döwlet ähmiýetli işleri mydama rowaçlyklara beslensin!

***Aýjan OMAROWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň mugallymy.***

Интернет газета
Международные новости

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Президент Туркменистана учредил международный конкурс туркменских алабаев*

Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов учредил ежегодный международный конкурс «Отважный туркменский алабай года».

Соответствующее постановление Президент Туркменистана подписал на расширенном заседании правительства по видеосвязи.

Документ предписывает проводить ежегодно в апреле международный конкурс «Отважный туркменский алабай года», а также конкурсы среди творческих работников (ковровщиц, художников, скульпторов и т.д.) по художественному воплощению образа туркменских алабаев в произведениях искусства.

Документом также утверждён порядок проведения этих конкурсов и установлены призы победителям.

В этом году в последнее воскресенье апреля Туркменистан впервые отметит Праздник туркменского алабая вместе с Национальным праздником туркменского (ахалтекинского) скакуна, в рамках которых будут проведены конкурсы алабаев и ахалтекинцев.

### *С коллегами из Китая были обсуждены вопросы строительства в регионах с повышенной сейсмичностью*

Рабочая встреча между представителями Научно-исследовательского института сейсмостойкого строительства Министерства строительства и архитектуры Туркменистана и Инженерно-механического института Сейсмологического управления Китайской Народной Республики состоялась в формате видеоконференции.

В ходе встречи были обсуждены вопросы двустороннего сотрудничества, в частности, обмен практиками по строительству многоэтажных зданий в регионах с повышенной сейсмичностью и внедрению новых технологий. Состоялся обмен мнениями касательно научного сотрудничества по снижению сейсмических рисков.

Были обсуждены вопросы организации учебных семинаров, взаимных визитов в этой сфере.

Также состоялся показ видеоролика о деятельности Инженерно-механического института КНР.

### *Швейцария закупила продукцию Туркменбашинского НПЗ*



На минувшей неделе в ходе торгов на Государственной товарно-сырьевой бирже Туркменистана предприниматели из Швейцарии приобрели автобензин, произведённый на Туркменбашинском комплексе нефтеперерабатывающих заводов Туркменистана.

Кроме того, за иностранную валюту бизнесменами из Турции закуплен полиэтилен, бизнесменами из ОАЭ и Кыргызстана - махровые изделия.

Отмечается, что общая сумма сделок на бирже в иностранной валюте превысила 11,485 миллиона долларов.

На бирже были заключены сделки и в туркменских манатах. Так, предприниматели из ОАЭ закупили хлопчатобумажную пряжу на общую сумму 665 тысяч туркменских манатов (189 805 долларов).

Помимо этого, местные бизнесмены приобрели хлопок-волокно на сумму свыше 75,820 миллиона манатов (21,640 миллиона долларов).

### *Обсуждены вопросы развития торгово-экономических связей между Туркменистаном и Государством Катар*




Встреча руководителей и представителей Торгово-промышленных палат Туркменистана и Государства Катар прошла в онлайн режиме.

Туркменскую делегацию возглавил Председатель Торгово-промышленной палаты Д.Реджепов, а катарскую – первый заместитель Председателя Торгово-промышленной палаты Мохаммед Бин Ахмад Аль-Кувари. На встрече также участвовали представители государственного и частного сектора двух стран, специализирующиеся в сфере энергетики, торговли, текстильной и пищевой промышленности, строительства, сельского хозяйства и др.

Вниманию участников были представлены презентации различных бизнес-структур с детальным описанием их деятельности. Также рассмотрены возможности расширения партнёрства в области промышленности, энергетики, транспорта и связи с использованием цифровых технологий и портовой инфраструктуры.

Стороны договорились продолжать активный диалог по расширению коммерческих связей между двумя странами.

### *Посольством Туркменистана в Кыргызской Республике организован круглый стол*



Посольство Туркменистана в Кыргызской Республике совместно с Кыргызским государственным университетом имени И.Арабаева организовало круглый стол, посвященный 30-летию Независимости Туркменистана, а также объявлению в стране 2021 года «Туркменистан – Родина мира и доверия».

На мероприятии приняли участие представители Парламента, руководители Министерства культуры, информации, спорта и молодежной политики Кыргызской Республики, руководители и представители дипломатических миссий, аккредитованные в Бишкеке, ректора, профессорско-преподавательский состав и студенты ряда вузов страны, а также представители местных СМИ.

Выступавшие на встрече отметили миролюбивую политику Туркменистана, направленную на укрепление атмосферы сотрудничества, создание соответствующих условий для устойчивого развития.

В рамках мероприятия была организована выставка книг Президента Туркменистана, а также изданий о богатой истории, культуре и искусстве туркменского народа.

### *Онлайн-встреча представителей театрального искусства Туркменистана и Армении*

Состоялась онлайн-встреча представителей Туркменского государственного кукольного театра и Ереванского государственного театра марионеток.

С приветственной речью на мероприятии выступил заведующий кафедрой актерского мастерства и сценической речи Театрального факультета Туркменского государственного института культуры А.Ишанкулиев. Он подробно рассказал о деятельности кукольного театра Туркменистана.

Стороны рассмотрели вопросы расширения сотрудничества. Состоялся обмен мнениями по организации гастролей для обмена опытом.

### *Прошла онлайн-встреча между туркменским и армянским сельскохозяйственными вузами*

Мероприятие было организовано в рамках Соглашения между Туркменским сельскохозяйственным университетом имени С.А.Ниязова и Национальным аграрным университетом Армении. На встрече приняли участие преподаватели и студенты двух вузов.

В рамках встречи, для студентов Армении была организована лекция на тему «Состояние отдельной гибридизации, достижения и пути развития полевых обще бахчевых в Туркменистане». Также участники были ознакомлены с плодородными сортами полевых бахчевых культур и методами их выращивания в Туркменистане в целом.

### *В Японии организован турнир по футболу в честь 30-летия Независимости Туркменистана*



Футбольный турнир, приуроченный к 30-летию Независимости Туркменистана и объявлению 2021 года «Туркменистан – Родина мира и доверия», был организован в Университете Токай Посольством Туркменистана в Японии.

В турнире приняли участие туркменские студенты, обучающиеся в Японии, а также жители города Токио.

Спортивное мероприятие было проведено с целью развития спортивной активности среди молодежи и продвижения здорового образа жизни, а также формирования экологической культуры в обществе и активизации сотрудничества между государствами и народами в этой сфере.

### *Президент Узбекистана отметил важность развития транспортного коридора Узбекистан-Туркменистан-Иран-Оман*



Шавкат Мирзиёев принял Министра иностранных дел Ирана Мухаммада Джавада Зарифа, пребывшего в Ташкент с рабочим визитом.

В частности, была отмечена важность наращивания взаимодействия в транспортно-коммуникационной сфере, в том числе эффективного задействования иранских морских портов и развития транспортного коридора Узбекистан-Туркменистан-Иран-Оман.

Напомним, что Соглашение о создании транспортного коридора Узбекистан-Туркменистан-Иран-Оман вступило в силу 23 апреля 2016 года. Часть транспортно-транзитного маршрута будет проходить по железной дороге, связывающей Узбекистан, Туркменистан и Иран, а часть - по морю от иранских портов Бендер-Аббас и Чахбахар до портов Омана.

### *Тюркский совет разрабатывает дорожную карту для развития сотрудничества с тюркоязычными странами*

Генеральный секретарь Совета сотрудничества тюркоязычных государств (Тюркский совет) Багдад Амреев, выступая на третьем заседании ответственных министров и высокопоставленных лиц по информации и медиа Тюркского совета в Баку.

Он отметил, что развитие связей между медиаструктурами тюркоязычных государств является одним из приоритетных направлений партнерства.

### *МВФ о росте ВВП Туркменистана*




Международный валютный фонд прогнозирует рост реального ВВП Туркменистана в 2021 году.

В отчете МВФ также указывается прогноз баланса текущего счета Туркменистана, который, как ожидается, также вырастет в 2021 году.

Как ранее заявила руководитель миссии Международного валютного фонда в Туркменистане Наталья Тамириса, модель роста Туркменистана в значительной степени опирается на крупномасштабные государственные инвестиции в инфраструктурные и промышленные проекты.

### *МВФ улучшил прогноз по динамике мирового ВВП в 2021 году, ожидая роста на 6%*

Прогноз на 2022 год также улучшен. Теперь МВФ прогнозирует рост мирового ВВП на 4,4% вместо январской оценки в 4,2%.

МВФ отметил, что улучшение прогнозов отражает результаты дополнительной финансовой поддержки в ряде крупных стран и ожидаемое восстановление во второй половине текущего года, которое поддержит вакцинация.

### *ФАО и Международная морская организация (ИМО) займутся очисткой морей от пластика*

Продовольственная и сельскохозяйственная организация Объединенных Наций (ФАО) и Международная морская организация (ИМО) приступили к реализации нового масштабного проекта по борьбе с морским мусором и очистке мирового океана.



Партнерам инициативы GloLitter - или «Глобальный мусор» - предстоит определить, как сократить загрязнение океанов мусором, в том числе пластиковым, источником которого являются морской транспорт и рыболовство. В рамках проекта будут изучены возможности сбора и переработки пластикового мусора. Это, как рассчитывают инициаторы, позволит защитить океанские экосистемы.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*